# Duşuşyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Duşuşyk DUŞUŞYK



Ölüp-öçüp barýan duýgulam seňki,
Mähriban, hyrçymy dişletme maňa.
Yşk uran dünýämde galypsyň ilki,
Küýsegli didelem ýaşlatma maňa.
«Sag bol» diýýäň, «Gitme» diýip bolanok,
Ýüregimiň hasratyny duýup git.
Janymdan ezizläp, adam perişdäm,

Ol hasratly ýüregiñi goýup git.

Nirede gizlendiñ şu wagta deñiç,
Ýa bukuldym oýnap, gökden indiñmi?!
Boýnyýogyn bagtym, özüñ güjeñläp,
Ykbalyma owsun atýan sildiñmi?!

Sen öýüñe, men öýüme ýetmeli,
«Sag bol» diýýäñ, «Gitme» diýip bolanok.
Men señki, sen meñki, biz goşa ykbal,
Söýgi öýümizi sorap gelenok…

Hurma ATAJANOWA. Goşgular